# Bredli effekti

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Bredli effekti BREDLI EFFEKTI




Seresaply-oýlanyşykly häsiýetim bar…
Ähli ähtimallyklary we howplary göz öňüne tutup, şoňa görä ünsli hereket edýärin, gepleýärin, ýazýaryn…
Çünki ünsli bolmak puşmanlygy azaldýar…
Konfusiý şeýle diýýär: «Uzakdan pikirlenmeýän adam gynanjy ýakyndan tapar».
Kylyçdaroglynyň prezidentlige kandidaturasyny goýmagyny «biziň mähellämiz» gutarnykly ýeňiş hasabynda görýär. Kagyz ýüzünde Imamogly bilen Ýawaşyň bolmagy saýlawyň «ýeňiş» bilen gutarjagyna bolan umydy güýçlendirýär. Hakykatdanam şeýle bolarmyka?
Hiç kimiň keýpine sogan dogramak islämok. Ýöne bu işiň türküň türke garşy propogandasyna-monologyna öwrülme howpy bar. Öz mähelläňizde saýlawda öňe saýlanmagyňyz ahyrky saýlawda ýeňiş gazanjakdygyňyzy aňlatmaýar. 2007-nji ýyldan 2018-nji ýyla çenli joşgunly mitingler bolup geçmedimi? Jemgyýetçilik özüneçekiji tarapgöýlüge özüňi aldyrmajak bolmaly… Hiç bir saýlaw «torbadaky käkilik» däl, şolar ýaly gutarnykly däl…
Meselem:




* * *

Bredli effektinden söz açmakçy…

Bredli effekti – ABŞ-da afro-amerikan – garaýagyz kandidat akýagyz kandidat bilen ýaryşanda jemgyýetçilik tolgunjynyň – pikir soralşyk netijeleriniň saýlaw netijeleri bilen tapawudyny mälim etmäge synanyşýan kesgitleme…

1982-nji ýylda Kaliforniýa ştatynyň gubernator saýlawynda pikir soralşyklaryň ählisinde öňe saýlanandygyna garamazdan saýlawdan ýeňlip çykan Tom Bredlä degişli kesgitleme. Şeýle:

Uzak wagtlap Los-Anželes şäher munisipalitetiniň başlygy wezipesinde işlän Tom Bredli Demokratik partiýadan kandidaturasyny görkezdi. Garşysynda bolsa Respublikan partiýanyň kandidaty akýagyz (ermeni) Jorj Dokmejýan bardy. Saýlawdan birnäçe gün öňki pikir soralşygyň netijelerine seretseň-ä, Bredli gutarnykly ýeňiş gazanaýmalydy. Hatda «San Francisco Chronicle» gazeti wagtyndan ir çykaran sanynda Bredliniň eýýäm ýeňiş gazanandygyny ýazdy. Ses sandyklary açyldy welin, hakyky ýagdaýyň beýle däldigi görüldi.




Bredli näme sebäpli ýeňildi?

Aslynda şeýle netijäni prezidentlige

kandidat Dokmejýanyñ saýlaw kampaniýasynyñ dolandyryjysy Bill Roberts saýlawdan bir aý öñ mälim edipdi:
«Saýlawçylaryñ aglaba bölegi pikir soralşyklarda jynsparazçylykly meýillerini bildirmezlik maksady bilen beýleki kandidata ses berjekdiklerini aýdýarlar!»
Robertse gahary gelen köp boldy, hatda ony wezipesinden boşatdylar! Emma hakykat onuñ aýdyşy ýaly bolup çykdy: «kararsyzlar» topbagy bilen Dokmejýana ses berdi.
Galyberse-de, Bradlä ses berjegini aýdan käbir saýlawçylaram saýlaw güni ses bermäge gitmedi.
Kaliforniýa uniwersitetiniñ afro-amerikan barlaglary boýunça işleri geçiren professor Çarlz Henri Anri saýlawy eserdeñlik bilen öwrendi we makalasynda jyns faktorynyñ Bredliniñ ýeñlişinde esasy faktordygy netijesine geldi.
«Jemgyýetçilik basyşlary sebäpli käbir akýagyz saýlawçylar jynsparaz görünmekden gorkdy we ses sandygy bilen başa-baş galanda hakyky netijesini orta goýdy!»
Her saýlawda hökman «Bredli effektiniñ» boljagyny aýdyp bolmaz. Men bu mysaly seresaply bolsunlar diýip berdim…



*Jorj Dokmejýan*

* * *

Gürrüñsiz, saýlawlarda üstünlik gazanmak üçin birnäçe effekt rol oýnaýar. Howpsuzlyk syýasaty bulardan biri. Meselem:

ABŞ 1980-nji ýylyň 4-nji noýabrynda saýlaw geçirýärdi.
Saýlawdan öň Ronald Reýganyň saýlaw kampaniýasyny dolandyryjylar Uilýam Keýsi, Lourens Silberman, Jorj Gerbert Uoker Buş Pariže gidip, Homeýniniň adamlary bilen duşuşdy. Mesele Tährandaky ABŞ-nyň ilçihanasyndan bir ýyl öň «ýesir alynan» 52 zamunyň ykbalydy!
Prezidentlige kandidat Reýganyň topary eýranlylara şeýle teklip etdi:
– Ýesirleri saýlawdan soň goýberiň. Munuň deregine häkimiýet başyna gelenimizde size garşy goýlan sanksiýany aýrarys. Işe başlan badymyza «F-4 Phantom II» uçar tekerlerini we ätiýaçlyk şaýlaryny bereris.
Ýesirler wagtyndan öň goýberilse, pozitiw atmosferany arkasyna alan Jimmi Karteriň ýeňiş gazanma ähtimallygy bardy… (Öjalanyň Türkiýä getirilmeginiň Bülent Ejewite goşmaça 8% ses gazandyrandygyny ýatladýaryn!)
Tährandaky ýesirler Reýganyň 1981-nji ýylyň 20-nji ýanwarynda işe başlan sagadynda boşadyldy!
Gýote şeýle diýýär: «akylly seresaplylyk hiläniň hötdesinden gelip biler».
Saýlawlaryň öňisyrasy rasional bolmagy ünsden düşürmäň.

Soner ÝALÇYN.

«SÖZCÜ» gazeti, 09.03.2023 ý. Publisistika